**Haryt nyşanyny we/ýa-da hyzmat ediş nyşanyny döwlet belligine almak barada haýyşnama degişli resminamalaryň sanawy**

**Haryt nyşanyny bellige almak baradaky haýyşnamada aşakda görkezilen maglumatlar görkezilmeli:**

- haýyşnamaçynyň adynyň, familiýasynyň, hyzmatlaryň (türkmen, rus we iňlis dillerinde), şeýle hem onuň ýerleşýän salgysynyň ýa-da ýaşaýan ýeriniň (türkmen dilinde) görkezilmegi bilen haryt nyşany hökmünde belgini hasaba almak barada arza;
- haýyş edilýän belgi we onuň beýany;
- haryt nyşanyny hasaba almak üçin soralýan harytlaryň we hyzmatlaryň halkara klassifikasiýasynyň toparlary (HHHK-nyň 8-nji redaksiýasy) boýunça toparlanan sanawy (türkmen, rus we iňlis dillerinde);
- şekilli elementler boýunca Wena klassifikasiýasy**;**

**Haryt nyşanynyň haýyşnamasyna goşulmaly resminamalar:**

<u>Ýuridiki şahslar üçin:</u>

- haýyş edilýän belginiň toplumy (çap şekili - 15 nusga mukdarda);
- edaranyň tertipnamasynyň nusgasy;
- Türkmenistanyň Edara görnüşli taraplaryň ýeke-täk döwlet sanawyndan göçürmäniň nusgasy (eger-de ýurudiki tarap bolsa);
- Şahadatnamanyň nusgasy;
- bellenilen möçberde haryt nyşanyna haýyşnamany tabşyrmak üçin pajyň tolenendigini tassyklaýan resminama (HHHK-nyň bir klasy üçin 880 manat, her bir goşmaça klasy üçin 350 manat), ýa-da pajy tölemekden boşadylandygy ýa-da onuň möçberiniň peseldilmelidigi barada resminamanyň nusgasy.

<u>Telekeçilik işi bilen meşgullanýan fiziki şahslar üçin:</u>

- haýyş edilýän belginiň toplumy (çap şekili - 15 nusga mukdarda);
- patentiň nusgasy;
- bellige alyş şahadatnamasynyň nusgasy;
- pasport nusgasy;
- bellenilen möçberde haryt nyşanyna haýyşnamany tabşyrmak üçin pajyň tolenendigini tassyklaýan resminama (HHHK-nyň bir topary üçin 880 manat, her bir goşmaça topary üçin 350 manat), ýa-da pajy tölemekden boşadylandygy ýa-da onuň möçberiniň peseldilmelidigi barada resminamanyň nusgasy.

Pajy tölemek üçin rekwizitler.

**<u>Alyjy:</u>** Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi,
Türkmenistanyň Merkezi bankyndaky No 23 101 934 110 100 400 002 000 hasaby,
MFO 390101101, salgyt kody 101111007529

**<u>Tölegiň maksady</u>: Türkmenpatent, Haryt nyşanyny bellige almak üçin**